# Jynlar geljegi bilip bilýärmi?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jynlar geljegi bilip bilýärmi? JYNLAR GELJEGI BILIP BILÝÄRMI?



Jynlar hiç wagtam geljegi bilip bilmeýär.
Diňe perişdelerden maglumat ogurlaýan jynlaryň adamlara ýakynlaşmak üçin ogurlan maglumatlaryndan peýdalanýandyklary aýdylýar. Ýöne şol maglumatlaram kimdir birine berilmeýär, mediýumlar bilmeýär, jadygöýler olary ele salyp bilmeýär…
Jynlaryň geljegi bilip bilmeýändiklerini Süleýman pygamberiň (a.s) wakasy subut edýär. Waka şeýleräk bolup geçipdir:
Hezreti Süleýman (a.s) ömrüniň soňky günlerinde jynlara ybadathana gurdurypdyr. Jynlar Süleýman pygamberden öler ýaly gorkar eken, şoň üçinem oňa gepsiz-gürrüňsiz boýun egipdirler. Pygamberiň özem ybadathana gurulýan wagty jynlaryň haýal-ýagallyga ýol bermezligi üçin bir depäniň üstünde oturyp, olara göz-gulak bolupdyr. Ýöne Süleýman pygamber eýýäm ybadathana gurlup başlan badyna aradan çykypdyr. Gurluşyk gidip durka hiç bir jyn Süleýman pygamberiň ýanyna gitmäge milt edip bilmändir… Şol ikiarada hem bir gurçuk pygamberiň hasasyny gemirýän eken. Gurluşyk gutaranda gemrile-gemrile mazaly inçelen hasa döwülip, pygamber ýere ýykylypdyr. Muny gören jynlar şobada Süleýman pygamberiň ýanyna gelip, onuň aradan çykandygyny görüpdirler. Bu ýagdaý jynlaryň geljek barada hiç zat bilmeýändikleriniň delilidir.




- **Jynlaryň göze görnüşleri we ýaşaýyş-durmuş formasy**

Jynlar köp hili tüýsde adamlaryň gözüne görünip bilýär. Gadymy

döwürlerde şekillendirilýän fantastiki mahluklaryñ, aždarhanyñ, iki kelleli ýylanyñ, geçiaýagyñ (fawn), uçýan jandaryñ aslynda jyn bolmagy-da ahmal…

Jynlaryñ umumy göze görnüşi gaty kölege şeklindedir. Emma özlerini doly görkezmek islänlerinde öz aralarynda derejelerine görä dürli hili tüýsde göze görünip bilýär.

Jynlaryñ dürli ynançlara görä iýmitlenme görnüşleri baram bolsa, esasy iýýän zatlary: palçyk, guş eti, gum-kesek, eti sypyrylyp zyñlan süñk-sañk.

Jynlaryñam edil adamlar ýaly eldeki haýwanlary we ulaglary bar. Olaryñ eldeki haýwanlarynyñ sudury ýumşak kölege şekilinde bolup biler. Adamlaryñ gözüne görünmeýär.

Jynlar adamlardan hiç wagtam ýokarda däldirler. Olar pikir ýöredip bilmeýärler we adamlar ýaly ösen duýgulary ýok.

Jynlaryñ iñ täsin aýratynlyklarynyñ birem uçup, dünýäniñ jümmüşine çenli inip we ýyldyrym çaltlygynda hereket edip bilmekleridir.

Jynlaryñ ömri 1000-1300 ýyl aralykda bolýar. Has köp ýaşaýan jynlaryñ bolşy ýaly, olaryñ köp ýaşamakdan ötri toplanan danalyklary-da bar.

Jynlar adamlar tarapyndan biynjalyk edilende, köplenç şol ýerden daşlaşýarlar, emma zyýan görüp başlanlarynda suw akdyryjynyñ açylyp-ýapylmagy, äpişgäniñ ýa-da açylyp-ýapylmagy ýaly dürli ýollar bilen duýdurýarlar. Şular ýaly ýagdaýlarda edýän işiñize üns bermek gerek.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar